# Doganlyk gonamçylygynda

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 24 января, 2025
Doganlyk gonamçylygynda DOGANLYK GONAMÇYLYGYNDA

Munda ýegşerilýäñ agyr labyrdan,
Merhumlañ hatary gidýär birleşip.
Gyzyl ýaprak berýozalar güýzlerde,
Ýanyp durlar ýeller bilen gürleşip.

Gara mermer gök asmanyñ sütüni,
Agyr oýlar basýar ümsümlik öýün.
Guburlañ üstüne oklanan güller,
Aldy ene ýeriñ ýarasy deýin.

Bir zatlar bogaza dykylýar, bilýän,
Sözler hem seneler, ynha, eginde.
Içiñi gepledýäñ:
«Agramyñ näçe,
Baky uka gidenleriñ öñünde».

Anatoliý GRAÇEW.

Türkmen diline geçiren: Baýram JÜTDIÝEW. Goşgular